# Diňleseň…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Diňleseň… DIŇLESEŇ…



Diňleseň bir zat aýdaýyn,
Garransyň!
Ýöne garranyň boýun
Almansyň!
Diş ötmän, gatan çöregi,
Iýýäkäň, ezip,
Ýaş bolmarsyň, ýaşkaň düşen
Surat görkezip.

Suwumsyz, käteler edýän,
Gürrüňiň-gepiň.
“Garrap goýalman” diýseler,
Gyzmazmy çetiň?!

Äňetseň äňet zenana,
Agraslyk bilen.
Ýaşyn ýaşyrýan garrylar,
Ýeňlesdir, kileň.

Akyl satmak däldigini,
Aňýan, işimiň.
Ýöne parzyny ýatladýan,
Garran kişiniň.

2024 ý. Goşgular